# Trampyñ ýeňşi we sowet saýasyndaky täze global oýun

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Trampyñ ýeňşi we sowet saýasyndaky täze global oýun TRAMPYÑ ÝEÑIŞI we SOWET SAÝASYNDAKY TÄZE GLOBAL OÝUN



Dünýäniñ gözi ABŞ-da… Saýlawyñ netijeleri belli boldy. Donald Trampyñ ýeňşi resmi taýdan yglan edildi diýen ýaly.
Tramp üstünligini esasanam çaýkanjyrap duran ştatlardan gazandy. Ol ýeñilenden soñ täzeden üstün çykan ilkinji prezident hökmünde amerikan taryhyna girdi.
Rus habar beriş serişdeleri bu ýagdaýy nähili düşündirýär?
Trampyñ ýeñmegini Russiýa çyny bilen isleýär. Ýöne siz Wladimir Putiniñ öñräk «Biz Kamala Harrisi goldaýarys» diýenine seretmäñ. Bu beýanaty aslynda tersinden okamaly.
Putiniñ howpsuzlyk gullugynyñ öñki işgäridigi we onuñ ýöredýän syýasy ugurlary köplenç ters tarapyndan seredilmegini talap

edýär.
Tramp 2016-njy ýylyñ saýlawlarynda-da Russiýa tarapyndan goldanypdy we şol wagtam saýlawlara keseden goşulýandyklary barada gep-gürrüñler çykypdy. Amerikan prokuraturasy we sud edaralary bu boýunça birnäçe barlaglary geçiripdiper.
Russiýadaky çeşmelerimden alan maglumatyma görä, 2016-njy ýylyñ saýlawlarynda 200 müñe yolaý adam Trampyñ ýeñiş gazanmagy üçin iş geçiripdi.
Bular sosial mediýadaky trollarmy, ýa bu trollar sms-ler bilen täsirlerini ýetirmäge synanyşdylarmy, ony biljek däl. Ýöne düýplu iş geçirilendigi welin belli.
Bu gezegem Trampyñ ýeñişinde Russiýanyñ uly rolunyñ bolandygyny aýdyp bolar.
Bu ýagdaýy şeýle düşündirip bileris: Trampyñ ýeñiş gazanmagyna we öñ ýeñlen prezidentiñ täzeden gaýdyp gelmegine aýratyn proses hökmünde seretmek lazym. Ýagny, «Düýn Tramp orta çykdy, şu günem ýeñiş gazandy» diýen zat ýok.

## • Sowet Soýuzynyñ dargamagy we ýeke polýusly dünýäniñ gegemoniýasy

Sowet Soýuzynyñ dargamagyndan soñ ABŞ ýeke polýusly dünýä düzgünine ketdelik etdi. Şeýle-de bolsa, SSSR-den bölünip aýrylan respublikalar bu ýagdaýdan netijeli peýdalandy. Aýratynam öñki sowet ýolbaşçylary Günbataryñ gara nebsiniñ we puluñ ýesiridigini gowy bilýändikleri üçin togsanynjy ýyllaryñ ikinji ýarymyndan soñ ABŞ bilen gönüden-göni gatnaşyklary ýola goýdular.
Häzirbegjan ýaly birnäçe öñki sowet respublikasy ABŞ bilen ýakyn gatnaşyklary ýola goýup, şol bir wagtyñ özünde amerikan býurokratiýasyny we ýokary gatlagyñ wekillerini täsiri astyna almaga başlady. Bu geçen döwürde uly maddy çykdaýjylar edildi.

## • Jorj Buş we ABŞ-nyñ täze dünýä düzgüni

2001-nji ýylda Jorj Buşyñ öñbaşçylygynda ABŞ dünýä düzgüninde täze ädim ätdi.
«11-nji sentýabr» wakalary bu prosesiñ başlangyjyny alamatlandyrýardy.
Täze düzgüniñ esasy maksatlarynyñ birem dünýädäki nebit ýataklarynyñ ýerleşen sebitlerine üns bermek we jaýýñ

bahalaryny galdyrmak boldy.
Bu syýasy ugurlar Russiýa tarapyndan 2004-nji ýyldan soñ, aýratynam Wladimir Putiniñ ikinji gezek prezidentlige saýlanmagynyñ yzyndan berk ýazgarylyp başlandy.
2007-nji ýyldaky Mýunhen çykyşynda Putin «Dünýä ýeke polýusly bolup bilmez, indi goşa polýusly dünýä düzgünine geçmeli» diýipdi.
Ýogsa-da, Putin näme sebäpli beýle diýipdi?

- **Günbataryñ gowşaklygy we Russiýanyñ strategiýasy**

Sebäbi Putin Günbataryñ gowşaklygyny bilipdi. Günbatar bilen hyzmatdaşlyk edýäris diýen bolup, olary belli bir wagtdan soñ öz gysymyna gysjakdygyny pikir etdi. Şeýle çemeleşme diñe Russiýa üçin däl, Ýewropa-da mahsusdy.
2014-nji ýylda Russiýanyñ Ukraina el urmagyndan soñ Ýewropa geñeşi Russiýany hataryndan çykardy.
Häzirbegjanyñ bolsa Günbatar bilen gatnaşyklary berkedi. Emma Gürjüstan ýaly ýurtlar Günbatardan alýan goldawlar6na garamazdan ep-esli wagtlap kynçylyk çekdi.

- **Türkiýe we Günbataryñ arasyndaky gatnaşyklar**

Türkiýäniñ şol geçen döwürdäki ýagdaýy has beter bulaşyk. Günbatar bilen Ýewropa bileleşigine girmek boýunça gepleşikleriñ dowam etdirilmegi bilen birlikde Türkiýäniñ Günbatar bilen gatnaşyklary dartgynlylaşmaga başlady.
Moldawiýa daşary ýurtlarda ýaşaýan raýatlarynyñ ses bermeginde prezidentini saýlan bolsa-da, bular ýaly syýasy üýtgeşmeler öñki sowet ýurtlaryndaky deñagramlylyklara täsirini ýetiren möhüm faktorlar boldy.
Trampyñ ýeñişi şol bir wagtyñ özünde 1991-nji ýylda Sowet Soýuzynyñ dargamagyndan soñ Respublikan partiýanyñ, aýratynam Demokratik partiýanyñ öñki SSSR-e garşy ýeñilen söweşini-de alamatlandyrýar.
Öñki sowet respublikalary, aýratynam Russiýadaky we Orta Aziýadaky öñki sowet ýolbaşçylary Günbatary gowy tanaýandyklary üçin ABŞ we Ýewropa bilen hyzmatdaşlyk edip

strategiki taýdan güýçlendiler.

- **Köne sowet düşünjesi we Trampyň gaýdyp gelmegi**

Bu proses aslynda köne sowet düşünjesiniň ABŞ-daky we Ýewropadaky täsirini güýçlendirmek ugrundaky hemlesidi. Amerikan saýlawçylary bu ýagdaýy nähili kabul ederkä?
Trampyň gaýdyp gelmegi şu manyda howply bolup biler. Çünki bir ýandan Tramp içerki syýasatda uly täsir döredenem bolsa, beýleki bir ýandan radikal ädimleri ätmegi-de mümkin.
Ukrainadaky ýagdaýyň nähili boljakdygy-da nämälimligine galýar.
ABŞ Zelenskini goldamagyny dowam etdirermi?
Bu soragyň jogaby öňümizdäki günlerde bolup geçjek üýtgeşmelere görä şekillener.
Birnäçe gün öň Putin «Ukraina bilen gepleşikleri geçirmäge taýýar, şonsuzam gepleşik geçirip ýörüs» diýipdi. Munuň üstünden birküç gün geçenden soňam mundan beýläk hiç bir gepleşigiň bolmajagyny mälim etdi.
Munuň özi dünýä boýunça gatnaşyklaryň nähili netijelere getirjekdigi babatda düýpli nämälimlikleri döredýär.

Maýis ALIZADE.

Penşenbe, 07.11.2024 ý. Publisistika